# Boltologiýa

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 25 января, 2025
Boltologiýa BOLTOLOGIÝA




Ylym dälse däldir boltologiýa,
Ýöne seni diňläp niçeme ýyllap,
Diýdim: “Belki, bu-da
Geologiýa,
Teologiýa,
Biologiýa…
ýaly,
Özbaşyna ylymdyr”.
Çynym aýtsam, seni diňläp oturmak,
Walla, zulumdyr.
Uniwersitetlerde,
Institutlarda,
Dünýäň hiç bir mekdebinde
Geçilmese-de boltologiýa,
Sen, şepe, bu ylymyň,
Akademigi hem professory.
Boltolog ylmynyň doktory hem sen.
Guwanýas saňa, obadaş!
Buýsanýas saňa, obadaş!
Çünki sen bu jelegaýyň,
Iň ökde boltology,
Hem-de politology…
Allaýar ÇÜRIÝEW. Goşgular